## Okuwçylara *CorelDRAW* programmasy barada taryhy maglumatlary öwretmek

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň taýsyz tagallalary netijesinde, ýurdumyzda ylym-bilim ulgamy uly ösüşlere eýe bolýar we munuň bilen ugurdaş umumybilim berýän mekdeplerde döwrebap tehnologiýalar we okatmagyň usullary yzygiderli ornaşdyrylýar.

Mekdep informatikasynda *CorelDRAW* programmasynda işlemeklik 8-nji synpda (12 ýyllyk bilim üçin, 9-njy synpda) we 11-nji synpda öwredilýär. Grafika bilen baglanyşykly temalar öwredilende, kompýuter grafikasynyň we *CorelDRAW* programmasynyň döredilişi bilen baglanyşykly taryhy maglumatlaryň beýan edilmegi maksadalaýykdyr.

Kompýuter grafikasynyň taryhyna ser salnanda, ilkinji EHM-lerde grafika bilen işlemek üçin olarda ýörite gurluşlar bolmandyr. 1951-nji ýylda ABŞ-da harby maksatlar üçin ulanylýan Whirlwind-I atly kompýuterinde ilkinji gezek monitor – grafiki maglumatlary şekillendirýän gurluş ulanylypdyr. 1957-nji ýylda amerikaly inžener R.Kirş ilkinji bolup, skaneri – kompýutere grafiki şekilleri girizýän gurluşy oýlap tapýar we ilkinji sanly (sifrli) suraty kompýuterde şekillendirýär. 1960-njy ýyllaryň ortalarynda, kompýuter grafikasynyň programmalary köpçülikleýin öndürilip başlanýar. 1963-nji ýylda amerikan alymy A.Sazerlend *Sketchpad* diýen programmalaşdyrylan enjamy oýlap tapýar. Bu enjamda ýönekeý geometrik şekiller bilen adaty özgertmeleri (nokatlamak, çyzmak, nusgalamak, süýşürmek, kesip almak we ş.m.) geçirmek mümkin bolupdyr. 1973-nji ýylda *Xerox PARC* şereketi tarapyndan *Super Paint Frame Buffer* atly ilkinji grafik redaktory döredilýär. Bu redaktorda bar bolan käbir gurallar häzirki grafik redaktorlarda hem ulanylýar.

Kompýuter ulanyjylar tarapyndan ileri tutulýan grafik redaktorlarynyň biri-de, *CorelDRAW* diýlip atlandyrylýar. Bu programmanyň döredilmegi tekst bilen grafikanyň sazlaşdyrylyp, bir faýlda ýerleşdirilmek mümkinçiligini, şekilleri döretmek we çylşyrymly diagrammalary gurmaklyk üçin, aýratyn programmalaryň peýdalanylmagynyň täze mümkinçiliklerini açýar.

1989-njy ýylda Windows operasion ulgamyna niýetlenen ilkinji grafik redaktor bolan *CorelDRAW-1.0* döredilýär. Ol kompýuter grafikasynyň ösüşine uly itergi berdi. Bu programma wektor görkezilişini, şekilini (illýustrasiýasyny) döretmeklige niýetlenen ilkinji programmadyr.

1990-njy ýylda *CorelDRAW-1.11* programmasy döredilip, onda iki we üç ölçegli grafika bilen işlemek üçin *AutoCAD* programmanyň faýllaryny import-eksport etmek mümkinçiligi bardyr.

1991-1998-nji ýyllar aralygynda *CorelDRAW* programmasynyň 7 sany görnüşi (*CorelDRAW-2, 3, 4, 5, 6, 7, 8*) köpçülige ýetirildi. Bu programmalarda ilkinji gezek tekst faýllaryny grafika bilen birleşdirip, olary çap etmek üçin, *Print Merge* funksiýasy ulanyldy. Obýektlerde we şekillerde dürli täsirleri döretmek üçin täze gurallar peýda boldy (1-nji surat). Gözden geçirmek kadasynda redaktirlemek mümkinçiligi döredildi. *CorelDRAW-3* – grafiki programmalaryň ilkinji

toplumydyr. Onuň düzümine *Corel PHOTO-PAINT* programmasy ýaly birnäçe programma goşuldy. *CorelDRAW-4* programmasynda köp sahypaly (999 sahypa çenli) resminamalar bilen işlemek mümkinçiligi bardyr. Şeýle-de, gurallaryň süýşýän paneli bolup, ol programmada işlemeklige niýetlenen meýdançanyň göwrümini artdyrmaga ýardam edýär. *CorelDRAW-5* programmasynda tekst bilen işlemeklige niýetlenen *Postscript* we *TrueType* harp görnüşleri (şriftleri) döredildi. Bu programmada kompýuterde reňkleri takyk şekillendirmekde monitor, printer we skaner ýaly gurluşlary sazlamaga mümkinçilik berýän kuwwatly reňk ulgamy ornaşdyryldy.


**1-nji surat**

*CorelDRAW-6* programmasy 32 derejeli (razrýadly) operasion ulgamda işlemekligi goldaýan *CorelDRAW* programmalarynyň ilkinji görnüşidir. Bu programma sahypanyň ölçeglerini birnäçe esse artdyrmaga mümkinçilik berýär. Gurallaryň bu häsiýetleri üçin interaktiw panel döredildi. Ol ähli zerur gurallary bir ýerde ýerleşdirip, işiň netijeliligini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär. Şeýle hem, makroslary ýazmaga, ýerine ýetirilýän işleri awtomatlaşdyrmaga mümkinçiligi bar. Ilkinji gezek dürli görnüşli (tipli) faýllary import etmek mümkinçiligi döredildi.

1999-2004-nji ýyllarda *CorelDRAW* grafik redaktorynyň *CorelDRAW Graphics Suite 9, 10, 11, 12* ýaly görnüşleri döredildi. Bu programmalaryň birbada birnäçe reňk mümkinçiligi bar. Reňkleriň utgaşmasynyň (palitralaryň) täze redaktory ondaky sazlamalary we redaktirleme işlerini ýeňilleşdirdi. Munuň bilen, ilkinji gezek *PDF* formatda çap etmek mümkinçiligi döredildi. Sahypalaryň ählisini tutuşlygyna gözden geçirmek we olary gerekli ýerine süýşürmek mümkinçiligi alyndy. Reňk ulgamyny dolandyrmak mümkinçiligi täzeden işlenilip, ähli hyzmatlar-işler bir gepleşik penjiresinde ýerleşdirildi.



**2-nji surat**

*CorelDRAW Graphics Suite-11* programmanyň esasy aýratynlygy simwollary goldamak (2-nji surat) mümkinçiliginiň barlygydyr, ýagny obýektleri döredip, soňra olary birnäçe gezek ulanmak üçin, ýatda saklamak bolýar.

2006-2016-njy ýyllar aralygynda, *CorelDRAW Graphics Suite X3, X4, X5, X6, X7, X8* programmalary ulanyjylara hödürlenildi. *CorelDRAW Graphics Suite X3* programma rastr

şekilleri, wektor grafikasynyň obýektine öwürýän *Corel PowerTRACE* guraly goşuldy.

Faýllaryň täze formatlaryny (şol sanda *PDF 1.7* we *Microsoft Publisher 2007* formatlary), 300 görnüşli kamera üçin *RAW* formaty, sahypada biri-birine bagly bolmadyk gatlaklar bilen işlemekligi goldaýan hyzmatlar goşuldy. Şeýlelikde, 50-den gowrak täze we kämilleşdirilen hyzmat peýda boldy. *Web*-grafika bilen işlemek mümkinçiligi kämilleşdirildi. Şeýle-de, birnäçe öwrediji maglumatlar hem-de bezeg işlerinde ulanmak üçin taýýar ülňüler ýerleşdirildi. Ulanyjynyň reňk sazlamalarynyň mümkinçilikleri giňeldildi, sahypalary maketlemek mümkinçiligi, ýagny sahypanyň maglumat düzüminiň ýerleşişini kesgitleýän düzgünleriň toplumy goşuldy. 64 derejeli we köp prosessorly ulgamlarda işlemek mümkinçiligi döredildi. Şriftler bilen işlemeklige niýetlenen *Corel Font Manager* utilitasy, fotosuratlary redaktirlemek üçin täze hyzmatlar peýda boldy.

2017-2019-njy ýyllarda degişlilikde *CorelDRAW Graphics Suite* 2017, 2018, 2019 programmalary döredildi. Bu programmalar toparyna birnäçe täzelikler girizildi. *CorelDRAW Graphics Suite* 2017 programmasyna goşulan täze *LiveSketch* guraly bolsa, erkin görnüşde çyzylan çyzgyny wektor egrilerine öwürýär, ony surat görnüşine geçirmäge mümkinçilikler berýär. *CorelDRAW Graphics Suite* 2018 programmasynda simmetrik suratlary döretmäge, şekile hereket bermäge mümkinçilikler bardyr.

Ýakynda täze *CorelDRAW Graphics Suite* 2019 programmasyny hödürlendi. Onuň esasy aýratynlygy obýektler penjiresiniň düýpgöter üýtgedilmesi we rastr şekiller üçin ulanylýan täsirleri wektor şekillerde hem ulanmak mümkinçiligi bolup durýar. *Web*-resminamalary döredende, täze piksel gözenegi boýunça deňlemek düwmesi sahypadaky berilmeli şekilleri ýokary takyklykda ýerleşdirýär. Şekiller döredilende, täze ülňüler goşulýar. Käbir guralyň daşky görnüşi üýtgedilip, programmanyň işjeňliginiň ýokarlandyrylmagyna mümkinçilik döredýär. Mysal üçin, *CorelDRAW* programmasynda açyk ýa-da ýapyk bolan ýönekeý şekillerden, göni, döwük we egri çyzyklardan ybarat suratlary döretmek, gurluşlaryň (figuralaryň) içki meýdançasyny berlen reňk bilen doldurmak, tekstleri şekile goýmak we olary erkin formatirlemek, islendik grafiki obýektleri redaktirlemek, olaryň şekilini (formasyny), konturyň reňkini we boýagyny üýtgetmek, resminama (dokumente) taýýar ýa-da *CorelDRAW*-da döredilen suratlary goýmak, şekilleri redaktirlemek üçin gurallaryň we täsirleriň (effektleriň) giň toplumyny ulanmak, obýektleri erkin ýerleşdirmek, bir obýekti beýleki obýekt bilen ýapmak we ş.m. köp işleri ýerine ýetirip bolýar.

Täze tehnologiýalary ylym-bilim ulgamynda ulanmaklyga giň mümkinçilikleri döredýän döwlet Baştutanymyza çäksiz sagbolsun aýdýarys.

## EDEBIÝAT


1. Corel DRAW 12; Комолова Н.В - Санкт Петербург, 2004 г;
2. Corel DRAW 12; Бурлаков М.В - Санкт Петербург, 2004 г;
3. Modelirleme we grafika. Umumy orta bilim berýän mekdepleriň takyk ugurly XI synpy üçin synag okuw kitaby; Ruliýewa L.F – Aşgabat: TDNG 2014ý;
4. Kompýuter grafikasy; Çuriýew M - Aşgabat: TDNG 2012ý;



**Joraýew Ö** **“Bilim ylmy-usuly žurnaly”, 2019, №6**